# Ýazlyk ker

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýazlyk ker

ÝAZLYK KER

Ýazlyk şahyr Jomart ogly 1869-njy ýylda häzirki Gökdepe etrabynyň Gorjaw obasynda eneden bolup, 1942-nji ýylda şol ýerde aradan çykýar. Şahyryň Ogulabat, Gözel, Hally diýen gyzlary bolupdyr. Onuň neberesleri Aşgabat, Gökdepe, Tejen sebitlerinde ýaşaýarlar.
Ýazlyk şahyr ýaşlykda Gorjawyň başlangyç dini mekdebinde okaýarka hem ýatkeşligi, zehinliligi bilen deň-duşlaryndan tapawutlanýar eken. Şol sebäpli hem ol Nowaýynyň, Nyzamynyň köp setirlerini, "Leýli-Mejnun", "Şasenem-Garyp" dessanlaryny ýatdan bilipdir we halk arasynda aýdyp gelipdir. Soň-soňlar Ýazlygyň özi hem şahyr bolup ýetişipdir.
Ýazlygyň birnäçe goşgusy 1935-nji ýylda şahyryň dogany Baýmyradyň ogly Gylyçdurdy we Şorgala obaly Muhammetgulynyň ogly Ata, büzmeýinli Abam ogly Molla püri tarapyndan toplanylyp, TYA-nyň Golýazmalar institutyna tabşyrylypdyr.
(Seret: Inw. 81, 263, 264, 269, 297, 931, 944).
Olaryň halk arasyna giňden ýaýran "Atdy gelin", "Deýýusyň", "Gurbanýaz", "Baýyň" kimin goşgularyna tankydy garamak gerek. Bu goşgular käbir bukjalarda Durdy Gylyç, Molladurdy, Gajar bagşy, Mollanepes, Kemine ýaly başga şahyrlaryň ady bilen hem duş gelýär.
Ýazlygyň "Burun gelsin", "Juwan iberiň", "Obalara geňeşiň", "Hasabyň", "Bakypdyr" diýen ýaly goşgulary onuň şorgalaly Şyhly molla bilen aýdyşyklaryndan ybaratdyr. Olarda şorgalaly Burun atly bir adamyň görmän, söýüşmän, Gorjaw obasyndan "bir gelne" öýlenmekçi bolanlygy barada gürrüň berilýär. Şol sebäpli oýnalyp, masgaralanyşy hakda durlup geçilýär. Ýazlyk Şorgala obasyna:

Guda bolsañ goñur ile,
Habar ýetir Kelejara,
Gelin alsañ Burun hana,
Ataş gul hem Kelhan gelsin –

– diýip, ýañsa alyp, hat ýollaýar. Şol obaly Şyhly molla:

Molla Ýazlyk, iş bitinçä o ýan, bu ýan sözleme,
Bize gerek kähudanyñ mydam biri özüñ sen,
Ne ýagdaýyñ bar bolsa, bizden syryñ gizleme,
Seni wekil etdiler, ygtyýary özüñ señ –

– diýip, oña jogap ýazýar.
Bu goşgularyñ ýazylmagyna şeýle waka sebäp bolýar. Burun aýal almaga baranynda, Gorjaw obasynyñ jahyllary Hepe diýen erkek adamyny aýal egin-eşigine salyp, onuñ atynyñ syrtyna berýärler. "Hepegül" bolsa orta ýolda onuñ atynyñ syrtyndan düşüp, gaçyp obalaryna gelýär.
Ýazlyk şahyryñ käbir şygyrlarynda erbet gylyk-häsiýetli, ýalta aýallar berk tankytlanylýar. Käbir goşgularynda Tejen sebitleriniñ il-ýurdy, tebigaty wasp edilýär.

Allaberdi ORAZTAGANOW.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly